# Göwni kiçiler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Göwni kiçiler GÖWNI KIÇILER

*Halmyrat Ybadullaýewe,*
*Kerim Hojameňliýewe*

Bu durmuşda bir kada-
Sylagly göwni sada.
Hormaty duýlar bada,
Saýlanylar, seçiler,
Göwünleri kiçiler!

Hakdan berlen hümmetin,
Halka harçlar görnetin.
Sarpalar dost gymmatyn,
Elden gelen eçiler,
Göwünleri kiçiler!

Aň-zehinli oglanlar,
Asly asyl doglanlar.
Hat-da çarkandak ýollar,
Duşanda tiz geçiler,
Göwünleri kiçiler!

Abraý üçin, at üçin,
Hemmä hemaýat üçin,
Hem ýurda şöhrat üçin,
Gerek merdem kişiler,
Göwünleri kiçiler!

2022 ý. Goşgular